**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 21-nji noýabryndaky №96-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 5-bt “Çagalar-ýetginjekler sport mekdepleriniň jemleýji hasabaty” (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

Bedenterbiýe we sport boýunça hasabatlary aşakdakylar düzýärler: şäher (etrap) bedenterbiýe we sport guramalary; welaýat, Aşgabat ş. we Arkadag ş. bedenterbiýe we sport baradaky baş müdirlikleri. Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti- Türkmenistan, welaýatlar, Aşgabat ş. we Arkadag ş. boýunça jemleýji hasabatlary Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine berýär.

Sportuň her bir görnüşi aýratyn setire girizilýär. Sportuň birnäçe görnüşini bir setire birikdirmek bolmaýar.

## 1 BÖLÜM. ESASY GÖRKEZIJILER

1-nji bölüm çagalar-ýetginjekler sport mekdepleriniň (ÇÝSM) müdiriniň buýrugynyň, okuwçylaryň şahsy kartoçkalarynyň we okuw işiniň kitapçasynyň esasynda doldurylýar.

1-nji sütünde sport görnüşleri boýunça bölümleriň sany görkezilýär.

7-nji sütünde 2-6-njy sütünleriň jemi okuw toparlaryň sany görkezilýär.

13-nji sütünde 8-12-nji sütünleriň jemi toparlardaky türgenleşýänleriň sany boýunça görkezilýär.

8-nji sütünde sport-sagaldyş, 9-njy sütünde başlangyç taýýarlyk, 10-njy sütünde okuw-türgenleşik toparlaryna kabul edilenler, 11-nji sütünde – sport kämilleşdiriş, 12-nji sütünde – öňki toparlardan geçirilendigine ýa-da birinji ýyl okuwa täze kabul edilendigine garamazdan, ýokary sport ussatlygy toparlaryna kabul edilenler hasaba alynýar.

Şolardan 14-nji sütünde 6 ýaşdan 18 ýaşa çenli, 15-nji sütünde aýal-gyzlar, 16-njy sütünde tölegli toparlarda meşgullanýanlar görkezilýär.

17-28-nji sütünler mekdep müdiriniň buýruklarynyň (ÇÝSM, ÝORÇÝM), okuwçylaryň şahsy kartoçkalarynyň we okuw işleriniň depderçesiniň esasynda doldurylýar.

17-nji sütün meşgullanýanlaryň sanawyndan razrýadly sportsmenler görkezilýär, 18-22-nji sütünleriň jemine deňdir.

23-nji sütünde hasabat döwründe ÇÝSM (ÝORÇÝM) bir gezek iň ýokary razrýad boýunça taýýarlanan razrýadly sportsmenler hasaba alynýar (24-28-nji sütünleriň jemi) .

29-njy sütünde türgenleşdiriji-utgaşdyryp işleýänler, wezipe ornuny eýeleýän türgenleşdirijiler, şeýle hem sagatlaýyn hak tölenýan türgenleşdirijiler hasaba alynýar.

30-njy sütünde ÇÝSM (ÝORÇÝM) wezipe ornuny eýeleýän türgenleşdirijiler, şeýle hem zähmet depderçesi şol mekdepde bolan, düşýän iş aýda 60 sagatdan az bolmadyk sagatlaýyn hak tölenýan türgenleşdirijiler hasaba alynýar.

31-32-nji sütünde ýokary we orta bedenterbiýe okuw jaýyny tamamlandygy barada diplomy bar bolanda diňe ştatdaky türgenleşdirijilere doldurylýar.

33-35-nji sütünler türgenleşdirijiniň kwalifikasiýa derejesi berlendigi barada ýazgysy bolan şahadatnamasy bar bolsa doldurylýar.

## 2 BÖLÜM.
## MEKDEPLER BOÝUNÇA JEMLEÝJI MAGLUMATLAR

2-nji bölümiň 1-nji sütüninde çagalar-ýetginjekler sport mekdepleriniň (ÇÝSM) sany, 2-nji sütüninde olardaky okuwçylaryň sany görkezilýär.

3-nji sütünde ştatdaky administratiw işgärler: mekdebiň müdiri, okuw müdirleri, instruktor-metodistler, hasaba alynýar. Bu sütünlerde türgenleşdirijiler hasaba alynmaýar.

9-njy sütünde buhgalterçilik resminamalarynyň esasynda mekdebi saklamak üçin çykdajylar hasaba alynýar (müň manatda).

**Bellik:** hasabata ilkinji gezek razrýad normalaryny we Türkmenistanyň Sport baradaky döwlet komitetiniň buýrugy bilen resmileşdirilen Türkmenistanyň halkara klasly sport ussadynyň we Türkmenistanyň sport ussatlygyna talaplary ýerine ýetiren türgenleriň sanawyny goşmaly.

**Durmuş statistikasy müdirligi**